# Söýgime ynanyň

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Söýgime ynanyň SÖÝGIME YNANYÑ



«Men siz söýýärin» diýsem ynanyň,
Gözlemäň sözümden üýtgeşik many.
Durky bilen gullugňyza ynanyň,
Dünýede çekdigi ynamyň zary.
Asyl manysynda diýýän sözler,
Asyl söýgi bilen söýýän söýenmi.
Sizi agyr günde görse gözlerim,
Ynanyň bagrymyň ganlar öýenne.

Size meň sowgadym göwher ýa zer däl,
Köz ýaly ýüregim, tämiz duýgym bar.
Onsoňam hiç hili lybasa, perdä,
Çolanmajak çuw-ýalaňaç söýgim bar.

Men nirä gideýin sizden azaşyp,
Adamlar, men sizi söýýärin örän.
Ynanyň özümem söýýän azajyk,

Sizi şeýle söýüp bilýänme görä.

Bäşim ÖDEK. Goşgular